# A.Agabaýewiň «Sorag alamaty» poemasyna

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
A.Agabaýewiň "Sorag alamaty" poemasyna A.AGABAÝEWIŇ «SORAG ALAMATY» POEMASYNA

Düýpsüz guýumydyr bu jahan işi,
Öňde-soňda onuň çözgüdin alsam.
Ser saldykça soňuna göz ýetme ýok,
Hiç zat görünmezdi bakmadyk bolsam.

Bu dünýäniň daglaryna seret sen,
Göge salam berer baglary bilen.
Asman ýerden nazaryny aýranok,
Düşnükli-düşnüksiz alamat bular.

Gözleýäris ýagty ýoluň çözgüdin,
Mydam üstümizde ýylgyrýar ýyldyz.
Näçe kemeldikçe ujypsyz ömrüň,
Sowalyn şonça-da köpelder ýyllar.

Nirä baksaň aňyrsy ýok alada,
Olaryň yşgynda ýeňles gezmeýäs.
…Her birimiz bir sowala öwrülip,
Bu dünýäden jogabmyzy gözleýäs.

* * *

Bagt pyşyrdaşsa güler ýüz bilen,
Ýaşaşmak islese eger siz bilen.
Açyň gapyňyzy – gelen döwletdir,
Hemem goraň ony ýüregňiz bilen.

Betbagtlyk gelip hyýrsyz ýüz bilen,
Ýaşaşmak iselse eger siz bilen.
Kynçylykdan ýapylmasyn gapyňyz,

Ony hem garşylaň güýjüňiz bilen.

Annaguly NURMÄMMEDOW. Goşgular